15
2021

TURKMENISTAN: NEWS WEEKLY • ТУРКМЕНИСТАН: СОБЫТИЯ НЕДЕЛИ

TÜRKMENISTAN:
HEPDÄNIŇ WAKALARY

STATE NEWS AGENCY OF TURKMENISTAN • ГОСУДАРСТВЕННОЕ ИНФОРМАЦИОННОЕ АГЕНТСТВО ТУРКМЕНИСТАНА

Hormatly müşderiler!

Türkmenistanyň **«Daýhanbank»** döwlet täjirçilik banky, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, şeýle hem Aşgabat şäheriniň döredilmeginiň 140 ýyllygy mynasybetli ***«Altyn asyr»***, ***«Goýum bank karty»*** bank kartlaryny saklaýjy müşderilerine amatly şertleri döretmek maksady bilen, töleg terminallarynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde geçirilen tölegler boýunça ***«Cash back»*** höweslendiriş hyzmatynyň möçberini 2 göterim möçberinde ýokarlandyrylandygyny habar berýär.



Eziz ildeşler!

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky,

Sizi amatly hem-de ygtybarly bank hyzmatlaryndan peýdalanmaga çagyrýar!

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:

Aşgabat şaheri
38-02-20, 24-49-24, 38-02-83

Ahal welaýaty
8-00137-33-4-73

Balkan welaýaty
8-00246-5-15-88

Daşoguz welaýaty
8-00322-9-38-81

Lebap welaýaty
8-00422-9-08-39

Mary welaýaty
8-00522-6-76-32

TÜRKMENISTAN: HEPDÄNIŇ WAKALARY

HEPDELIK HABARLAR TOPLUMY

№15 (1346)

5-11-nji aprel
2021-nji ýyl

(1994-NJI ÝYLYŇ FEWRAL AÝYNDAN BÄRI TÜRKMEN, IŇLIS WE RUS DILLERINDE ÇAP EDILÝÄR)

ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET HABARLAR AGENTLIGI

Redaksiýanyň salgysy:
744000. Aşgabat ş.
Bitarap Türkmenistan şaýoly, 24-a

Redaksiýanyň telefonlary:
(993-12) 92-12-12,
92-16-17,
92-43-05.

Faks: (993-12) 92-52-30

WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:

Türkmenbaşy ş.	2-25-44
Balkanabat ş.	4-86-13
Türkmenabat ş.	6-79-50
Mary ş.	4-59-13
Daşoguz ş.	5-96-41

ŞU SANYNDA:

RESMI BÖLÜM

Döwlet Baştutanymyz harby we hukuk goraýjy edaralarynyň atçylyk düzümleriniň işleri bilen tanyşdy 2

Türkmenistanyň Prezidenti aýlyk zähmet hakynyň ýarysyny haýyr-sahawat gaznasyna geçirdi 3

Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisi 3

Türkmenistanyň Prezidenti Eýranyň daşary işler ministrini kabul etdi 4

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisi 5

TÜRKMENISTAN – RUHUBELENTLIGIŇ WE SAGDYNLYGYŇ ÝURDY

Bütindünýä saglyk gününiň şanyna köpçülikleýin welosipedli ýöriş geçirildi 10

SAGLYGY GORAÝYŞ

Türkmenistan lukmançylyk kömegini döwrebaplaşdyrýar 10

DÖWLET WE HUSUSY BÖLEGIŇ HYZMATDAŞLYGY

Daşyndan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça türkmen önüm öndürijileriniň we telekeçileriniň maslahaty 11

BIRŽA TÄZELIKLERI

RESMI BÖLÜM

Döwlet Baştutanymyz harby we hukuk goraýjy edaralarynyň atçylyk düzümleriniň işleri bilen tanyşdy

5-nji aprelde Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Gurbanguly Berdimuhamedow Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda bolup, ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň atçylyk toparlarynyň taýýarlyk işleri bilen tanyşdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary Ç.Amanow Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna harby we hukuk goraýjy edaralaryň atçylyk toparlarynyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli guraljak baýramçylyk çärelerine taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Soňky ýyllarda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralaryna degişli bedewleriň paýtagtymyzda hem-de welaýatlarda döwlet derejesinde geçirilýän at çapyşyklaryna gatnaşyp, baýrakly orunlary eýeleýändigi has-da guwançly ýagdaýdyr. Çapylýan atlara ideg etmek, olary seýislemek boýunça ýeterlik tejribe toplan seýisler ahalteke bedewleriniň gadymy şöhratyny has-da belende götermäge mynasyp goşant goşýarlar.

Soňra bu ýerde harby we hukuk goraýjy edaralaryň degişli düzümlerinde ideg edilýän ikiýaşar bedewleriň arasynda 1 000 metr aralyga at çapyşygy geçirildi. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Näzik atly bedewi pellehana birinji geldi.

Üçýaşar bedewleriň arasynda 1 müň 200 metr aralyk boýunça çapyşyk geçirildi. Bu çapyşykda Milli howpsuzlyk ministrliginiň Bagabat atly bedewi ýeňiji boldy.

Hormatly Prezidentimiz Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda bolmagynyň çäklerinde ahalteke bedewleriniň Halkara gözellik bäsleşigine gatnaşjak bedewleri synlady.

Ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň atçylyk toparlary bedewleriň gözellik bäsleşiklerine gatnaşdyrylmagy üçin jemi dokuz bedewi taýýarladylar. Özboluşly reňk aýratynlyklary bolan we ady rowaýata öwrülen bedewleriň şöhratly nesil ugurlaryna degişli bu bedewler owadanlygy, gelşikliligi, beden gurluşy bilen aýratyn tapawutlanýarlar.

Soňra döwlet Baştutanymyz Halkara atçylyk sport toplumynda ideg edilýän Hanbeg atly bedewe atlanyp, athanalaryň birine tarap ugrady.

Ýurdumyzda atçylyk pudagyny ösdürmekde möhüm orna eýe bolan Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň çäklerinde degişli desgalaryň gurlandygyny bellemek gerek. Bu ýerde 600 baş ahalteke atlaryny ösdürip ýetişdirmäge niýetlenen desgalar toplumy, onuň düzüminde bolsa edara binasy, muzeý, seýisler üçin okuw merkezi, 12 sany athana, ýaşajyk taýlara tälim bermek üçin ýapyk manež hem-de beýleki desgalar bar.

Milli Liderimiz athanada ideg edilýän bedewleriň ýagdaýy bilen tanyşdy.

Şeýle hem bu ýerde bedewe degişli birnäçe esbaplar, eýerler we nallar görkezildi. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň M.Berdimuhamedow adyndaky 1001-nji harby bölümiň atly gözegçilik rotasynyň serkerdesi ata nal kakylyşyny görkezdi.

Döwlet Baştutanymyz toplumyň ýörite meýdançasyna baryp, Goranmak ministrliginiň, Içeri işler ministrliginiň we Döwlet serhet gullugynyň konkur bäsleşiklerine gatnaşmak üçin taýýarlanýan bedewleriniň türgenleşiklerini synlady.

Şeýle hem ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedow höwür atlaryň saklanýan ýerine geldi. Döwlet Baştutanymyz bu bedewlere edilýän ideg işleri bilen tanşyp, bu işlere jogapkärçilikli çemeleşmegi tabşyrdy hem-de degişli ýolbaşçylara anyk görkezmeleri berdi.

Soňra milli Liderimize täze dünýä inen taýçanak görkezildi. Bellenilişi ýaly, bu taýçanak şöhratly Gelşikliniň ugruna degişli Genjim bilen Gülnahalyň nesli bolup durýar.

Harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary döwlet Baştutanymyzdan täze doglan taýa at dakyp bermegini haýyş etdiler.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow täze doglan taýçanaga Esger diýip at goýdy we onuň boýnuna käbesi Ogulabat ejäniň taýýarlan alajasyny daňdy.

Döwlet Baştutanymyz harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylaryna ýüzlenip, şu ýylyň 19-25-nji apreli aralygynda Türkmen bedewiniň milli baýramy bilen Türkmen alabaýynyň baýramynyň bilelikde geçirilýän senesi mynasybetli dünýäde şöhrat eýesi bolan Polatly, Ýanardag, Garaşsyzlygymyzyň 10 ýyllygy mynasybetli bina edilen on atyň heýkelleriniň hem-de dutarly ata atlanan ýigidiň, şeýle hem alabaýyň heýkelleriniň ýanynda ýurdumyzyň döredijilik, medeniýet we sungat işgärleriniň gatnaşmagynda çeper okaýyşlary, aýdym-sazly çykyşlary guramagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz bu çärelere döredijilik we aýdym-saz bilen meşgullanýan harby gullukçylaryň gatnaşdyrylmalydygyny aýtdy we bu çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek babatda birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary bilen bilelikde Halkara "Türkmen alabaý itleri" assosiasiýasynyň binalar toplumynyň gurluşygy alnyp barylýan ýere tarap ugrady. Häzirki döwürde bu ýerde ýerine ýetirilýän gurluşyk işleri tamamlandy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Halkara "Türkmen alabaý itleri" assosiasiýasynyň ýolbaşçysy S.Berdimuhamedow gurluşyk işleri tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan toplumyň desgalaranyň gurluşygynda işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi, häzirki wagtda bu ýerde ýanaşyk çäkleri abadanlaşdyrmak işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz toplumda alnyp barylýan gurluşyk işlerine ünsi çekip, desgalaryň daşky we içki bezeg aýratynlyklary, toplumyň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşy, bu künjegiň yşyklandyryş ulgamynyň görnüşleri bilen gyzyklandy.

Desgalaryň bezeg işlerinde ulanylýan serişdeleriň ýokary hilli bolmagy, olarda reňkleriň özboluşly sazlaşykda döredilmegi we milli öwüşginde bolmagy möhüm talapdyr diýip, hormatly Prezidentimiz bu ugurda ýerine ýetirilýän işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz alabaý itleriniň taryhyny ylmy esasda öwrenmek hem-de has belli nesil ugurlaryny kesgitlemek bilen baglanyşykly meselelere möhüm ähmiýet berilmelidigini belledi we bu ugurda degişli alymlar, oba hojalyk toplumynyň hünärmenleri bilen bilelikde zerur işleriň geçirilmelidigine ünsi çekdi. Munuň özi wepadarlygy, gaýduwsyzlygy hem-de emläg, öý goşlaryny, goýun sürülerini goramakda adamlaryň ýakyn syrdaşyna öwrülen türkmen alabaýlarynyň dünýädäki şöhratynyň artmagyny şertlendirer diýip, milli Liderimiz belledi hem-de bu babatda degişli ýolbaşçylara anyk görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Halkara "Türkmen alabaý itleri" assosiasiýasynyň binalar toplumynyň Türkmen bedewiniň milli baýramy bilen Türkmen alabaýynyň baýramynyň bilelikde bellenilýän şanly senesi mynasybetli açylyş dabarasynyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegine ykjam taýýarlyk görülmelidigini tabşyrdy.

Türkmenistanyň Prezidenti aýlyk zähmet hakynyň ýarysyny haýyr-sahawat gaznasyna geçirdi

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň şu ýylyň 29-njy martynda gol çeken Kararyna laýyklykda, Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredildi.

Bu resminamanyň esasynda şol günüň özünde milli hem-de daşary ýurt pulunda degişli bank hasaplary açyldy. Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary bilen, bu gazna Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady dakyldy.

Türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däplerine laýyklykda, milli Liderimiz bu gazna özüniň aýlyk zähmet hakynyň ýarysyny geçirdi.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ony döretmek hakyndaky çözgüdini beýan edip, munuň ata-babalarymyzyň kömege mätäçlere ýardam bermek hem-de hemmetaraplaýyn goldamak ýaly ynsanperwer ýörelgelerini iş ýüzünde durmuşa geçirmäge mümkinçilik berjekdigini nygtady.

Häzirki wagtda bu parasatly ýörelgeler hem-de däpler hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynda mynasyp dowam etdirilýär. Ýaş nesilleriň abadançylygy hakyndaky alada bolsa şol syýasatyň esasy ugurlarynyň biridir.

Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisi

6-njy aprelde Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Gurbanguly Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy.

Milli Liderimiz mejlisiň gün tertibini yglan edip, goranmak ministri B.Gündogdyýewe söz berdi. Ol ýolbaşçylyk edýän düzümleriniň ýanwar-mart aýlarynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada hasabat berdi. Şeýle hem harby özgertmeleriň, şol sanda Milli goşunymyzyň goranyş kuwwatyny pugtalandyrmak boýunça kesgitlenen çäreleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi maksady bilen amala aşyrylýan çäreler barada hasabat berildi.

Çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinden, beýleki goşunlaryndan we harby edaralaryndan harby gullukdan boşatmak hem-de Türkmenistanyň raýatlarynyň harby gulluga nobatdaky çagyrylyşyny talaba laýyk derejede guramak boýunça alnyp barylýan işler, şeýle hem Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli geçiriljek dabaraly harby ýörişe taýýarlyk barada hem hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz Ýaragly Güýçlerimiziň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagynyň, serkerdeleriň taýýarlyk ulgamyny ösdürmegiň, şahsy düzümiň arasynda watançylyk-terbiýeçilik işiniň kämilleşdirilmeginiň wajypdygyny nygtap, ministre birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedow nobatdaky ýazky çagyryş möwsümi bilen baglanyşykly meseleler barada durup geçip, ony talaba laýyk geçirmek meselesini üns merkezinde saklamagy tabşyrdy. Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçiriljek dabaraly harby ýörişi ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek babatda hem görkezmeler berildi.

Içeri işleri ministri M.Çakyýew ministrligiň edaralary tarapyndan 2021-nji ýylyň ilkinji üç aýynda ýerine ýetirilen işler, ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, kanun bozulmalarynyň öňüni almak, ýol hereketiniň hem-de ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, bu düzümiň öňünde durýan wezipeleri netijeli çözmek maksady bilen, işiň döwrebap usullaryny ulanmagyň hem-de häzirki zaman tehnologiýalaryndan peýdalanmagyň zerurdygyny nygtady.

Baş prokuror B.Atdaýew ýolbaşçylyk edýän düzümleriniň şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada hasabat berdi. Şeýle hem kanunçylygyň pugta berjaý edilmegine gözegçilik etmek boýunça görülýän toplumlaýyn çäreler barada habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hereket edýän kanunçylyk-hukuknamalarynyň ýerine ýetirilişine yzygiderli gözegçilik etmegiň wajypdygyny belledi. Bu edaranyň işgärler düzümini pugtalandyrmak möhümdir. Şol işgärler özleriniň göz-göni wezipesinden başga-da, giň gözýetime eýe bolmalydyr diýip, milli Liderimiz aýtdy hem-de degişli görkezmeleri berdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy G.Ussanepesow ýylyň başyndan bäri geçirilen işler barada hasabat berdi. Kazylaryň III konferensiýasynyň netijeleri hem ara alnyp maslahatlaşyldy. Şol maslahatyň barşynda Türkmenistanyň kazyýet ulgamyny ösdürmegiň 2017-2021-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasynyň durmuşa geçirilişine garaldy, bu ugurda öňde durýan wezipeler kesgitlenildi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy bu ulgamda amala aşyrylýan esasy

meselelere ünsi çekip, ilatyň hukuk medeniýetini ýokarlandyrmagyň zerurdygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz şeýle hem kazylaryň nobatdaky maslahatynda kabul edilen çözgütleriň öz wagtynda ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Milli howpsuzlyk ministri G.Annaýew 2021-nji ýylyň ýanwar-mart aýlarynda ýurdumyzda asudalygy, abadançylygy üpjün etmek boýunça geçirilen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ata Watanymyzyň okgunly ösdürilmeginde şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini goramakda bu düzümiň ähmiýetiniň uludygyny belledi. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy bu düzümiň ýakyn geljegi üçin möhüm wezipelerini kesgitläp, milli howpsuzlyk ministrine birnäçe tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýewiň şu ýylyň ýanwar-mart aýlarynda ýerine ýetirilen işler baradaky hasabatyny diňläp hem-de harby gullukçylaryň syýasy, söweşjeň, beden taýýarlygyny ýokarlandyrmagyň wajypdygyny belledi we bu düzümiň üstüne ýüklenen wezipeleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Adalat ministri B.Muhamedow ýolbaşçylyk edýän düzümininň şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri hem-de milli kanunçylyk binýadyny hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça amala aşyrylan toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi.

Milli Liderimiz ýurdumyzda hereket edýän kanunçylyk-hukuknamalaryny yzygiderli seljermegiň, olary mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän, Türkmenistanyň täze belentliklere tarap üstünlikli ösüşini üpjün etmäge ýardam berýän kanunlary işläp taýýarlamagyň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň esasy talaplarynyň biridigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz, ministre degişli tabşyryklary berdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew ýylyň başynda bäri gözegçilik edýän düzümlerinde işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak, olary öňdebaryjy tehniki serişdeler bilen üpjün etmek boýunça amala aşyrylan çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, möhüm ulag-üstaşyr geçelgeleriniň biri hökmünde Ýewraziýa yklymynda Türkmenistanyň möhüm geostrategik orny eýeleýändigini belläp, gullugyň üstüne ýüklenen wezipeleri çözmäge örän jogapkärli çemeleşmegiň wajypdygyny nygtady.

Şunda gümrük logistikasy meseleleriniň oňyn çözülmegine aýratyn üns bermek zerurdyr diýip, milli Liderimiz aýtdy we sanly ulgamy ornaşdyrmagyň hasabyna gümrük gullugyny ýokary tehnologiýalar esasynda dolandyrmagy möhüm wezipeleriň hatarynda kesgitledi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy B.Öwezowyň hasabatyny diňläp, öňde durýan işleriň esasy ugurlaryna ünsi çekdi. Hormatly Prezidentimiz bu ulgama dünýäniň öňdebaryjy tejribesini ornaşdyrmagy hem-de ýokary hünärli ýaş hünärmenleri taýýarlamagy gaýragoýulmasyz wezipeleriň hatarynda kesgitläp, gullugyň ýolbaşçysyna anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy S.Berdimuhamedow ýylyň başyndan bäri kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine, döwlet emläginiň aýawly saklanylmagyna, netijeli ulanylmagyna we eýelik edilmegine geçirilen barlaglar boýunça hasabat berdi. Şeýle hem degişli meýilnama esasynda alnyp barylýan işler hem-de ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli ulanylmaga beriljek desgalardaky işleriň ýagdaýyny seljermegiň netijeleri barada habar berildi.

Döwlet Baştutanymyz göz öňünde tutulan meýilnamalaýyn işleriň ählisiniň ýerine ýetirilişine hem-de eziz Diýarymyzyň beýik Garaşsyzlygynyň şanly baýramy mynasybetli ulanmaga beriljek desgalarda gurluşyk işleriniň hiliniň we möhletiniň berjaý edilmegini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary Ç.Amanow şu ýylyň üç aýynda giň gerimli harby özgertmeleriň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi. Şol özgertmeler bolsa Milli goşunymyzyň kuwwatyny hem-de goranyş ukybyny pugtalandyrmaga gönükdirilendir. Şeýle hem hasabat döwründe harby we hukuk goraýjy edaralaryň şahsy düzümleriniň söweşjeň we hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak, düzgün-nyzamy berjaý etmek boýunça görlen anyk çäreler barada habar berildi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň jemini jemläp, döwletimiziň alyp barýan, parahatçylyk söýüjilige pugta eýerýän ynsanperwer syýasatyna laýyklykda kabul edilen, goranyş häsiýetli Harby doktrinamyzyň esasynda harby we hukuk goraýjy edaralarymyzyň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli berkidýäris, biz harby gullukçylarymyz we olaryň maşgala agzalary barada hemişe alada edýäris we bu ugurda alnyp barylýan işler mundan beýläk hem dowam etdiriler diýip nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Eýranyň daşary işler ministrini kabul etdi

8-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň daşary işler ministri Mohammad Jawad Zarifi kabul etdi.

Duşuşygyň çäklerinde milli Liderimiz we myhman syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni ynsanperwer ulgamlarda türkmen-eýran gatnaşyklarynyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Mohammad Jawad Zarif Eýranda tutuş Merkezi Aziýada geosyýasy deňagramlylygy, parahatçylygy we durnuklylygy saklamagyň möhüm şerti bolan ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyny goldaýandyklaryny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlaryny, şol sanda 2021-nji ýyly "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýip yglan etmek baradaky başlangyjyny goldaýandygy

üçin minnetdarlyk bildirip, BMG-niň çäklerinde hyzmatdaşlygyň Türkmenistana özüniň Bitaraplyk derejesini sebit durnuklylygynyň we howpsuzlygynyň möhüm şerti hökmünde durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýändigini nygtady.

Eýran Yslam Respublikasynyň daşary işler ministri hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň amala aşyrýan "açyk gapylar" we giň halkara hyzmatdaşlyk syýasatynyň netijesinde geljegi uly türkmen bazarynyň ýylsaýyn tutuş dünýäden geljekki maýadarlaryň we meşhur kompaniýalaryň köpsanlysynyň ünsüni özüne çekýändigini belläp, öz ýurdunyň işewürler toparlarynyň hem öňden gelýän gatnaşyklary giňeltmäge hem-de Türkmenistanyň döwlet we hususy düzümleri bilen has ysnyşykly hyzmatdaşlygy ýola goýmaga uly gyzyklanma bildirýändigini aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparynyň işini işjeňleşdirmegiň hem-de dürli derejede ikitaraplaýyn duşuşyklary yzygiderli geçirmegiň zerurdygy aýratyn nygtaldy.

Türkmenistanyň we Eýranyň möhüm halkara hem-de sebit meseleleri boýunça özara gatnaşyklary barada hem durlup geçildi.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisi

9-njy aprelde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň birinji çärýeginde ýerine ýetirilen işleriň jemlerine garaldy we degişli hasabatlar diňlenip, amala aşyrylan işlere baha berildi hem-de ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň wajyp wezipeleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Mejlise birnäçe ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň ýolbaşçylary, Aşgabat şäheriniň, welaýatlaryň häkimleri çagyryldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibini yglan edip, ilki bilen Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikowa söz berdi Wise-premýer şu ýylyň ýanwar-mart aýlarynda gazanylan makroykdysady görkezijiler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, geçen döwürde halk hojalygy toplumynyň ähli pudaklarynyň durnukly ösüşini üpjün etmek maksady bilen, toplumlaýyn çäreler amala aşyryldy. 2020-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi içerki önümiň ösüşi 5,9 göterim ýokarlandy.

Ähli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň maglumatlaryna laýyklykda, önümçilik geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 3,2 göterim artdy.

Şu ýylyň ýanwar-mart aýlarynda bölek satuw haryt dolanyşygy boýunça görkeziji 2020-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 17,7 göterim artdy.

Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda aýlyk zähmet haklarynyň möçberleri geçen ýyldakydan 10,5 göterim köpeldi. Zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary we talyp haklary doly maliýeleşdirildi.

Şeýle hem maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlaryny özleşdirmek boýunça meýilnamalaryň ýerine ýetirilişi barada hasabat berildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynyň çäklerinde gurluşyk we durkuny täzelemek işleri göz öňünde tutulan 259 desganyň 30-synda gurluşyk işleri tamamlandy, galan 168-sinde bolsa gurluşyk-gurnama işleri dowam edýär.

Soňra Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy S.Welbegow ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň 2021-nji ýylyň ýanwar-mart aýlaryndaky ykdysady görkezijileri barada hasabat berdi. 2020-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende önümleriň köp görnüşleriniň öndürilýän mukdary artdy.

Şu ýylyň üç aýynda çalgy ýaglaryny, nebit koksuny, sement, süýji-köke önümlerini öndürmekde ösüş gazanyldy.

Ulag-aragatnaşyk ulgamynda görkezijiler durnukly ýagdaýda saklandy. Aragatnaşyk hyzmatlarynyň möçberi 5,3 göterim artdy.

Obasenagat toplumynda 2020-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, gök önümleriň, miweleriň we ir-iýmişleriň, etiň, süýdüň, ýumurtganyň öndürilişi köpeldi.

Ykdysadyýetimiziň döwlete degişli bolmadyk pudagynda oňyn netijeler gazanylýar.

Statistika baradaky döwlet komitetini degişli Konsepsiýada kesgitlenen wezipelere laýyklykda işlenip taýýarlanan sanly ulgama geçirmek boýunça Iş meýilnamasyny ýerine ýetirmegiň ugurlary barada habar berildi.

Maliýe we ykdysadyýet ministri M.Serdarow Döwlet we ýerli býujetleriň ýerine ýetirilişi, şeýle hem döwletimiziň maliýe-býujet syýasatynyň möhüm wezipelerini üstünlikli ýerine ýetirmek maksady bilen, 2021-nji ýylyň birinji çärýeginde alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň baş maliýe meýilnamasynyň girdeji bölegi 137,4 göterim, çykdajy bölegi bolsa 89,7 göterim berjaý edildi. Ýerli býujetiň girdeji bölegi 100,4 göterim, çykdajy bölegi bolsa 96,0 göterim ýerine ýetirildi.

Şu ýylyň birinji çärýeginde balans toparlarynyň jemi 70, şol sanda sebitlerdäki balans toparlarynyň 62 mejlisi geçirildi.

Şu ýylyň ýanwar-mart aýlarynda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna milli ykdysadyýetimizi ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlarynyň möçberi 4,1 milliard manada deň boldy. Şeýlelikde, jemi içerki önümiň ösüşi 17,1 göterime barabar boldy.

Hasabat döwründe maýa goýum maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi 11,1 göterime deň boldy. Üç aýda özleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň 48,2 göterimi önümçilik, 51,8 göterimi bolsa medeni-durmuş maksatly binalaryň gurluşygyna gönükdirildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabatlary diňläp, dünýäde emele gelen ýagdaýdan ugur alyp, gysga wagtyň içinde ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň şu ýubileý ýylynda garaşylýan netijeleriniň düýpli seljermesini geçirmek babatda anyk tabşyryklary berdi.

Milli Liderimiz emele gelen daşarky ýaramaz ýagdaýlaryň ýurdumyzda telekeçilik işine ýetirýän täsirini gysga we orta möhletde azaltmaga mümkinçilik berjek çäreleri kesgitledi. Ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegini üpjün edip, kiçi we orta kärhanalara karz bermek maksatnamasyny giňeltmeli.

Şonuň ýaly-da, kabul edilen maksatnamalary maliýeleşdirmegiň goşmaça çeşmelerini gözlemeli we

ykdysadyýetimize maýa goýumlaryny köp çekip, bu soraglaryň üstünde tutanýerli işlemeli diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow şu ýylyň birinji çärýeginde "Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň maksatnamasyny" ýerine ýetirmek boýunça alnyp barylýan işleriň netijeleri hem-de Mary we Lebap welaýatlaryna iş saparynyň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, nebitgaz toplumynda henize çenli öňegidişligiň duýulmaýandygyny, nebitgaz çig malynyň çykarylýan möçberiniň artdyrylmaýandygyny, çykarylýan çig nebitiň ýarysynyň bolsa eksporta iberilýändigini belledi. Köp wagt bäri nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň kuwwaty diňe 40 göterim ulanylýar. Nebitgaz toplumyna maýa goýumlaryny çekmek işlerine az üns berilýär, Hazar deňzindäki nebitgaz ýataklary özleşdirilmeýär. Çig mal serişdelerini gaýtadan işlemek boýunça işler hem haýal alnyp barylýar.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan halkara gaz geçirijisiniň gurluşygyny çaltlandyrmagyň zerurdygyny hem nygtady. Tebigy gazy eksport etmekde beýleki halkara taslamalary boýunça işleri has depginli alyp barmak möhümdir.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Öwezow ulag we aragatnaşyk ulgamynyň ministrlikleriniň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň şu ýylyň ýanwar-mart aýlarynda ýerine ýetiren işleriniň jemleri hem-de Lebap we Balkan welaýatlaryna bolan iş saparlarynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe ulag we kommunikasiýa toplumyna degişli edaralar tarapyndan ýerine ýetirilen hyzmatlaryň hem-de önüm öndürmegiň meýilnamasy 112,4 göterim ýerine ýetirildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, bütin dünýäde koronawirus ýokanjynyň ýaýramagyna garşy göreş zerarly girizilen çäklendirmeler sebäpli, häzirki wagtda ulag pudagynyň aýry-aýry görnüşleriniň has düýpli kynçylygy başdan geçirýändigini aýtdy. Howa gatnawlarynyň ýatyrylmagy we ýük akymlarynyň azalmagy netijesinde, bu agentlikleriň önümçilik tabşyrygyny ýerine ýetirmegi bilen bagly meseleler ýüze çykýar diýip, milli Liderimiz aýtdy we wise-premýere G.Müşşikow bilen bilelikde ýylyň ahyryna çenli ýüze çykyp biläýjek ýagdaýlary seljermegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz şeýle hem zähmet haklaryny tölemek boýunça teklipleri taýýarlamagy tabşyrdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz agentlikleriň salgytlary ýa-da alan karzlaryny tölemeli möhletini gaýra goýmak, ýa bolmasa, olary goldamak boýunça beýleki çäreleri görmegi teklip etdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Gylyjow gözegçilik edýän söwda we dokma toplumlarynda, telekeçilik ulgamynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri hem-de Aşgabat we Balkan welaýatlaryna bolan iş saparynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygy geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 112,1 göterime barabar boldy, öndürilen önümleriň ösüşi 119,7 göterime barabar boldy.

Dokma senagaty ministrligi boýunça geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, nah ýüplügiň önümçiligi 113,2 göterime, nah matalaryň önümçiligi 100,9 göterime, tikin we örme önümleriniň önümçiligi 120,5 göterime, gön önümleriniň önümçiligi 104,5 göterime barabar boldy.

"Türkmenhaly" döwlet birleşigi boýunça meýilnama 112,4 göterim ýerine ýetirildi.

Döwlet haryt-çig mal biržasy boýunça hasabat döwründe birža söwdalarynyň 72-si geçirilip, 7701 şertnama hasaba alyndy. Söwda-senagat edarasy boýunça ýerine ýetirilen işleriň ösüşi 101 göterime barabar boldy.

Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça oba hojalyk we azyk önümleriniň önümçiliginiň ösüşi 139,7 göterime, senagat önümleriniň önümçiliginiň ösüşi bolsa 125,3 göterime deň boldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow wise-premýere hem-de söwda toplumynyň ýolbaşçylaryna ýüzlenip, häzirki ýagdaýda söwda ulgamynyň durnukly işlemegini üpjün etmegiň esasy wezipeleriň biridigini belledi. Şoňa görä-de, her gün emele gelen ýagdaýa baha berip durmak möhümdir. Zerur bolanda durmuşda has gerekli önümleriň, şol sanda azyk önümleriniň ýeterlik gorlaryny döretmek üçin goşmaça goldaw çärelerini görmek wajypdyr diýip, milli Liderimiz aýtdy we bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz Senagatçylar we telekeçiler birleşmesine degişli kärhanalaryň işine gözegçilik etmegiň, kiçi, orta we iri telekeçilik kärhanalaryna goldaw bermek çärelerini dowam etmegiň zerurdygyny aýtdy. Bu çäreler, ilki bilen, telekeçileriň we raýatlaryň işewürligini höweslendirmek arkaly iş ýerlerini saklap galmaga hem-de täze iş orunlaryny döretmäge gönükdirilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Durdylyýew gözegçilik edýän gurluşyk we senagat toplumynda şu ýylyň birinji çärýeginde ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Şeýle hem wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, Aşgabat şäherinde şu ýyl ulanylmaga berilmegi meýilleşdirilýän iri önümçilik hem-de durmuş maksatly desgalarda alnyp barylýan gurluşyk işleri bilen tanyşmak maksady bilen Lebap, Daşoguz, Balkan, Ahal welaýatlaryna we Aşgabat şäherine guralan iş saparlarynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, gurluşyk pudagynda şu ýylyň birinji çärýeginde geçirilen işleriň netijeleriniň kanagatlanarsyzdygyny belledi. Geçen ýyl bilen deňeşdirilende ähli görkezijiler peseldi.

Ýubileý ýylynda dürli desgalary ulanmaga bermek boýunça örän köp çäreler bellenildi. Milli Liderimiz bar bolan kynçylyklara garamazdan, şu ýylda ulanmaga beriljek desgalaryň ählisini berk gözegçilikde saklamagyň möhümdigini nygtady. Ýurdumyzyň içerki energetika halkasynyň we «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan» elektrik geçiriji ulgamynyň gurluşygyny dowam etmegiň wajypdygyna aýratyn üns çekildi.

Gurluşyk we senagat pudaklaryna maýa goýumlaryny çekmek işleriniň hem ýeterlik derejede alnyp barylmaýandygy bellenildi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýeriň we onuň gözegçilik edýän toplumynyň işine nägilelik bildirip, bu ýagdaýlary seljermegi hem-de ony düzetmek üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Geldinyýazow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar-mart aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri hem-de döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, Aşgabat şäheri boýunça amala aşyran iş saparynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Şu ýylyň birinji çärýeginiň dowamynda bilim we terbiýeçilik işlerini döwrebaplaşdyrmak we sanlylaşdyrmak boýunça işler ýerine ýetirildi.

Ýurdumyzyň mekdep okuwçylary onlaýn görnüşinde geçirilen halkara ders bäsleşiklerinde üstünlikli çykyş edip, altyn, kümüş, bürünç medallara mynasyp boldular.

Ýurdumyzyň bejeriş-öňüni alyş edaralarynda lukmançylygyň ugurlary boýunça keselleriň öňüni almagyň we bejermegiň täze usullaryny amaly lukmançylyga ornaşdyrmak babatynda toplumlaýyn işler dowam etdirildi. Saglygy goraýyş boýunça IX türkmen-german forumy, türkmen-koreý iş toparyň nobatdaky ikinji mejlisi geçirilip, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Wise-premýer Aşgabat şäheri boýunça amala aşyrylan iş saparynyň netijeleri barada hasabat berip, Olimpiýa şäherçesinde welotrek boýunça dünýä çempionatyny, Dewisiň Kubogy ugrundaky halkara ýaryşyň tapgyryny geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada habar berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Hökümetiň öz wagtynda gören çäreleri netijesinde, ýurdumyza dürli ýokanç keselleriň getirilmeginiň we ýaýramagynyň öňüniň alynmagynyň üpjün edilendigini belledi. Şunuň bilen birlikde, ýene-de bir uly mesele ýüze çykýar. Aral deňziniň guramagy sebäpli, ekologiýa betbagtlygynyň zolagynda döreýän howa gurşawy bize uly howp döredýär. Bu ýagdaý tebigata, howa, Aralýaka sebitinde we şondan uzakda ýaşaýan adamlaryň saglygyna örän ýaramaz täsir edýär. Sebäbi, guraýan Aral deňzinden tozanly-duzly tupan arkaly gelýän aýratyn zyýanly maddalar müňlerçe kilometre ýaýrap, adam üçin örän howply ýagdaýy döredýär diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Şoňa görä-de, ýurdumyzda bu ýaramaz täsiriň öňüni almak üçin kabul edilen toplumlaýyn çäreleri, ylmy merkezleriň, hassahanalaryň gurluşygyny hemişe gözegçilikde saklamak tabşyryldy. Bu işler barada Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde her aý hasabat berip durmak zerurdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şu ýylyň güýzünde Aşgabatda geçiriljek halkara derejeli sport ýaryşlary baradaky meselä degip geçip, wise-premýerlere bu ýaryşlaryň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini, bäsleşikleriň gönnejaý guralmagy hem-de daşary ýurtly türgenler üçin has oňaýly şertleriň döredilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän düzümlerinde şu ýylyň birinji çärýeginde ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Lebap, Mary, Daşoguz we Balkan welaýatlaryna guralan iş saparlarynyň jemleri barada habar aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, şu ýyl şanly seneleriň ýyly bolmak bilen, möhüm wakalara, döwletimiziň gadymy taryhyna we onuň medeniýetine bagyşlanan makalalary, tele we radiogepleşikleri taýýarlamagyň wajypdygyna ünsi çekdi. Şeýle hem arassaçylyk we keselleriň öňüni almak boýunça meseleler bilen baglanyşykly giň düşündiriş işleri geçirilmelidir diýip, milli Liderimiz belledi we bu babatda anyk görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow "Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň meseleleri hakynda" we "Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň meseleleri hakynda" Kararlara gol çekip, olary elektron resminama dolanyşygy arkaly wise-premýere iberdi.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýerler R.Meredowa, M.Geldinyýazowa we M.Mämmedowa hem-de welaýatlaryň häkimlerine ýüzlenip, Beýik Ýüpek ýolunyň merkezinde ýerleşen Türkmenistanyň gadymy taryhy ýadygärlikleri, olary ylmy taýdan öwrenmek boýunça halkara maslahatlaryny geçirmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki abraýly halkara düzümleriniň çäklerinde ýola goýulýan hyzmatdaşlygy ähli ugurlar boýunça ösdürmek, halkymyzyň taryhyň dowamynda döreden milli gymmatlyklaryny giňden wagyz etmek boýunça alnyp barylýan işleri talaba laýyk derejede ösdürmegiň wajypdygyny belledi we bu babatda degişli ýolbaşçylara birnäçe görkezmeleri berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ministrliginiň şu ýylyň birinji çärýeginde ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe onlaýn tertibinde dürli derejedäki duşuşyklaryň 461-si geçirildi. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň hukuk binýadynyň üsti 31 resminama bilen ýetirildi.

Daşary işler ministrlikleriniň ugry boýunça duşuşyklar yzygiderli häsiýete eýedir. Ýylyň başyndan bäri birnäçe ýurtlaryň daşary syýasat edaralary bilen maslahatlaşmalar guraldy.

Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça netijeli çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow wise-premýere, daşary işler ministrine ýüzlenip, dünýäde koronawirus ýokanjy bilen bagly ýagdaýlaryň çylşyrymly bolmagynda galýandygyna ünsi çekdi. Munuň özi bolsa şu mesele boýunça yzygiderli habarly bolmagynyň zerurdygyny şertlendirýär.

Şundan ugur alyp, döwlet Baştutanymyz gatnaşyklarda dürli halkara çärelerini geçirmek barada teklipleri bermegi tabşyrdy. Aýratyn hem, bu ýurdumyzda dürli halkara çäreleriniň geçirilmegine degişlidir.

Soňra milli Liderimiziň belleýşi ýaly, wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredow dürli döwletler we ugurlar boýunça iş alyp barýan hökümetara toparlarynyň 10-a golaýyna ýolbaşçylyk edýär. Şunuň

bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysynyň işi üçin degişli şertleri üpjün etmek maksady bilen, türkmen-rus we türkmen-ýapon hökümetara düzümleriniň türkmen böleginiň başlyklygyna Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Berdimuhamedowy belläp, bu wezipelerden wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredowy boşatmak baradaky karara gelendigini aýtdy.

Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa milli parlamentiň şu ýylyň birinji çäryeginde ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alyp baran işleri barada maglumat berdi.

Ýanwar-mart aýlarynda Türkmenistanyň 22 Kanuny hem-de Mejlisiň 16 karary, şeýle hem hereket edýän käbir kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda kanunçylyk namalary kabul edildi. Täze kanunçylyk taslamalarynyň üstünde işlenilýär hem-de ozal kabul edilen kanunçylyk namalaryny kämilleşdirmek boýunça işler dowam edýär.

Halkara hem-de parlamentara hyzmatdaşlygyny giňeltmek boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde, Mejlisiň wekilleri YHHG, Parlamentara bileleşigi, Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýeti, Bütindünýä migrasiýa guramasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan wideoaragatnaşyk arkaly guralan durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek, parahatçylygy, ynanyşmagy hem-de howpsuzlygy pugtalandyrmak, zenanlaryň hukuklary, howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly hem-de beýleki meselelere bagyşlanan birnäçe halkara we sebit derejeli maslahatlara gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz Halk Maslahatynyň we Milli Geňeşiň iki palatasynyň birinji mejlisini guramak boýunça giň gerimli işleri geçirmegiň ähmiýetini nygtap, ony geçirmäge işjeň taýýarlyk görmegiň zerurdygyny aýtdy.

Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisiniň dowamynda welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleriniň hasabatlary diňlenildi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýew gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň birinji çäryeginde ýerine ýetirilen işleriň jemleri, Ahal, Daşoguz we Mary welaýatlaryna iş saparynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Obasenagat toplumy boýunça önümçiligiň mukdarynyň, ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň ösüşi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 103,8 göterime barabar boldy.

Döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasy hödürlenildi. Oňa laýyklykda, şu ýyl ýurdumyzda 18 müň 300 gektara şaly ekmek meýilleşdirildi we şondan 82 müň 400 tonna hasyla garaşylýar.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýer E.Orazgeldiýewe, welaýatlaryň häkimlerine we oba hojalyk toplumynyň ýolbaşçylaryna ýüzlenip, olaryň öňünde durýan wezipelere ünsi çekdi.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow iki möhüm möwsümiň – galla oragynyň we pagta ýygymynyň ýetip gelýändigini, olara gowy taýýarlyk görmelidigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz gök-bakja ekinleriniň, ýeralmanyň we beýleki oba hojalyk ekinleriniň ekilýän meýdanlaryny giňeltmelidigine, oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möçberlerini artdyryp, importyny azaltmalydygyna, içerki bazaryň özümizde öndürilýän önümler bilen üpjün edilmelidigine ünsi çekip, bu babatda degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

Oba hojalyk pudagynda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak hem-de onuň mundan beýläk-de durnukly ösdürilmegini gazanmak maksady bilen, agrosenagat pudagyna elektron dolandyryş ulgamlaryny ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň depgini güýçlendirilmelidir.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda maldarçylygy ösdürmek we mallaryň baş sanyny artdyrmak boýunça hem ähli zerur çäreleri görmegi, welaýatlarda owlak-guzy möwsüminiň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Milli Liderimiz ýokanç keselleriň ýaýramak mümkinçiliginiň öňüni almak maksady bilen, Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň beýleki degişli gulluklar bilen bilelikde ýokanç keselleri ýaýradyp biläýjek çöl haýwanlaryna, zyýankeşlere we mör-möjeklere garşy göreşmek boýunça gorag çärelerini geçirmegi üpjün etmelidigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde bellenýän Türkmen bedewiniň milli baýramynyň ähmiýetini nygtap, bu baýramçylyga bagyşlanan dabaralary ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek üçin hem zerur çäreleri görmek barada degişli ýolbaşçylara anyk görkezmeleri berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy S.Berdimuhamedow şu ýylyň birinji çäryeginde ulanmaga berlen binalar, şeýle hem şu aýyň dowamynda ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Milli Liderimiz hasabaty diňläp, gurluşyk pudagyna gönükdirilýän ägirt uly maýa serişdeleri, ýurdumyzda döredilen oňyn maýa goýum ýagdaýynyň, telekeçilere döwlet tarapyndan goldaw bermek üçin durmuşa geçirilýän netijeli çäreleriň netijesinde şähergurluşyk syýasatynyň üstünliklere beslenýändigini belledi. Onuň çäklerinde paýtagtymyzda hem-de welaýatlarda her ýylda dürli maksatly desgalaryň birnäçesi gurulýar we döwrebaplaşdyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, ähmiýetli düzümleýin taslamalaryň amala aşyrylyşy, olarda ýokary hil derejesiniň üpjün edilmegi we bellenilen möhletlerde ulanmaga berilmegi bilen baglanyşykly meseleler berk gözegçilikde saklanmalydyr diýip, döwlet Baştutanymyz belledi we bu babatda wise-premýere, Ýokary gözegçilik edarasynyň ýolbaşçysyna birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary Ç.Amanow mähriban Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygyna görülýän taýýarlyk işleri, şeýle hem döwletimiziň goranyş kuwwatyny pugtalandyrmak, harby we hukuk goraýjy edaralaryň düzümlerini döwrebaplaşdyrmak we olaryň işini kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň şahsy düzümleriniň hünär taýdan taýýarlygyny kämilleşdirmek, aýratyn-da, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şöhratly 30 ýyllygy

mynasybetli geçiriljek dabaraly baýramçylyk çärelerine ýokary derejede taýýarlyk görmek meseleleriniň wajypdygyny belledi we bu babatda wise-premýere, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretaryna anyk görkezmeleri berdi.

Milli Liderimiz şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijelerini ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde, koronawirus ýokanjynyň ýaýramagy hem-de dünýä ykdysadyýetine ýetirýän zyýanly täsiri sebäpli ýüze çykan daşarky meselelere garamazdan, ýurdumyzyň göz öňünde tutulan maksatnamalara laýyklykda ösmegini dowam edýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, jemi içerki önümiň ösüşi ýylyň başyndan bäri 5,9 göterim derejede durnukly saklanyp gelýär, zähmet haklary bolsa 10 göterim ýokarlandyryldy.

Ýurdumyzda iri senagat we durmuş maksatly desgalaryň we birnäçe beýleki desgalaryň gurluşyklary dowam edýär.

Kabul edilen meýilnamalara laýyklykda ylym we bilim ulgamlarynda hem özgertmeler amala aşyrylýar. Önümçilikler döwrebap ýagdaýa getirilip, bazar ykdysadyýeti emele gelýär. Nebitgaz ýataklary özleşdirilýär. "Türkmenistan–Owganystan–Pakistan" elektrik we aragatnaşyk ulgamlarynyň, şeýle hem TOPH gaz geçirijisiniň gurluşyklary alnyp barylýar. Beýleki halkara taslamalaryny amala aşyrmaga hem taýýarlyk görülýär.

Hususy pudagy ösdürmegi goldamak, ykdysadyýetimizde özgertmeleri amala aşyrmaga telekeçileri giňden çekmek syýasaty yzygiderli durmuşa geçirilýär. Garaşsyz döwletimiziň syýasy ulgamyny kämilleşdirmek işleri dowam edýär.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy 2021–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça netijeli işleri geçirmegi, şeýle hem esasy baýramlara - mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygyna, ak mermerli paýtagtymyz Aşgabadyň 140 ýyllygyna, şeýle hem Bitaraplyk baýramyna ýokary derejede taýýarlyk görmegi möhüm wezipe hökmünde kesgitledi.

Şu ýyl biz işimizi, esasan hem, Oba milli maksatnamasyna laýyklykda alyp barmalydyrys diýip, milli Liderimiz sözüni dowam etdi. Garaşsyz döwletimiziň ýubileýi her şäherde, her obada gurlan ähli täze binalar we desgalar bilen ýatda galmalydyr diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy we welaýatlar boýunça jogapkär edilip bellenen wise-premýerlere ýokarda agzalan maksatnamanyň durmuşa geçirilişi barada Ministrler Kabinetiniň her mejlisinde hasabat bermegi, welaýat häkimlerine bolsa, sanly ulgam arkaly geçirilýän her iş maslahatynda hasabat bermegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, sanly ulgamy ornaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň önümçiligini döretmek, öz önümlerimiziň beýleki döwletlere iberilýän möçberlerini artdyrmak, maýa goýumlaryny çekmek, daşary ýurt pulundaky serişdeleriň gelip gowuşýan möçberlerini artdyrmak boýunça syýasatymyzyň dowam etmegi zerurdyr.

Döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmek boýunça özgertmeleri alyp barmak, Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik edip, göz öňünde tutulmadyk we dolandyryş çykdajylaryny azaltmak bilen baglanyşykly meseleler berk gözegçilikde saklanmalydyr diýip, milli Liderimiz sözüni dowam etdi. Şonuň ýaly-da, pul-karz we maliýe ulgamlarynda bazar usullaryny has giňden ulanmak, ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek wajypdyr. Hususy pudagyň paýyny artdyryp, ony ýurdumyzyň ykdysadyýetine işjeň gatnaşdyrmak üçin zerur çäreler görülmelidir.

Döwlet Baştutanymyz nebitgaz we oba hojalygy ýaly möhüm ugurlarda işiň täzeçil usullarynyň ornaşdyrylmagynyň wajypdygyny belläp, wise-premýerler Ş.Abdrahmanowa we E.Orazgeldiýewe birnäçe degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe meselelere garaldy, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

PERMANLARYŇ WE KARARLARYŇ BEÝANY

✹ Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedow Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, fiziki we ýuridik şahslara hukuk kömegini bermek işini ygtyýarlylandyrmak hakynda Düzgünnama tassyklanyldy.

✹ Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň merkezi edarasynyň gurluşy tassyklanyldy.

✹ Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň merkezi edarasynyň gurluşy tassyklanyldy.

✹ Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň Türkmen böleginiň düzümi tassyklanyldy.

✹ Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmen-ýapon ykdysady komitetiniň Türkmen böleginiň düzümi tassyklanyldy.

✹ Türkmenistanyň Prezidenti "Türkmenistanda 2021-nji ýylda şaly öndürmek hakynda" Karara gol çekdi.

✹ Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň atçylyk sport toplumlarynda geçirilýän at çapyşyklarynda, gözellik bäsleşiklerinde hem-de atly sport ýaryşlarynda ýeňiş gazanandygy üçin Türkmenistanyň raýatlaryna we ýuridik şahslaryna degişli atlara berilýän baýraklary, şol atlaryň ýokary derejede ösdürilip ýetişdirilmegine goşant goşan şahslaryň arasynda paýlamak bellenildi.

✹ Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanda her ýylyň aprel aýynda türkmen alabaý itleriniň arasynda "Ýylyň türkmen edermen alabaýy" atly halkara bäsleşigini hem-de türkmen alabaý itleriniň daşky keşbini şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserlerinde, neşir önümlerinde, fotosuratlarda, teleýaýlymlarda çeper beýan etmek ugrunda halyçylaryň, suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň, fotosuratçylaryň, neşirýat işgärleriniň we teleoperatorlaryň arasynda bäsleşikleri geçirmek bellenildi.

WEZIPÄ BELLENILDI

✹ Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy

Gurbanguly Berdimuhamedowyň Karary bilen, 2-nji derejeli ýurist **Agamyrat Italmazowiç Abdyllaýew** Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň prokurory wezipesine bellenildi.

TÜRKMENISTAN – RUHUBELENTLIGIŇ WE SAGDYNLYGYŇ ÝURDY

Bütindünýä saglyk gününiň şanyna köpçülikleýin welosipedli ýöriş geçirildi

7-nji aprelde Türkmenistanda asylly däbe görä, Bütindünýä saglyk güni bellenildi. Milli senenamamyzda orun alan bu halkara çäresine bagyşlanyp, köpçülikleýin welosiped ýörişi geçirildi. Oňa hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow gatnaşdy.

Ir bilen Saglyk ýolunyň başlanýan ýerinde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, Mejlisiň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, paýtagtymyzyň häkimliginiň, jemgyýetçilik guramalarynyň hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary, ýaşlar ýygnandylar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýygnananlara ýüzlenip, hemmeleri Bütindünýä saglyk güni bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, bu ajaýyp baýram dostlugyň, parahatçylygyň hem-de sportuň belent däplerini dabaralandyrýar. Şoňa görä-de, bu baýram jemgyýetimiziň agzybirligini we jebisligini has-da berkidýän möhüm waka hökmünde milli senenamamyzda aýratyn orun tutýar.

Milli Liderimiz Bütindünýä saglyk gününiň şanyna bagyşlanyp geçirilýän köpçülikleýin bedenterbiýe-sport çäreleriniň Garaşsyz döwletimiziň sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy hökmünde abraýyny dünýä giňden ýaýýandygyny belledi. Berkarar döwletimiziň durmuş-ykdysady kuwwaty, halkymyzyň ruhy galkynyşy we abadançylygy, jemgyýetimiziň sagdynlygy nesillerimiziň beden we ruhy taýdan sazlaşykly ösüşi bilen berk baglydyr.

Şoňa görä-de, biz köpçülikleýin bedenterbiýäni, olimpiýa hereketini, umuman, sporty ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýäris, beden we ruhy taýdan sagdyn nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek ýaly halkymyzyň gadymy däplerini mynasyp dowam edýäris diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady.

Soňra döwlet Baştutanymyz ýaryşa gatnaşyjylaryň köpçülikleýin welosiped ýörişine badalga berdi. Milli Liderimiziň göreldesine eýerip, ýörişe gatnaşyjylar Saglyk ýolundan uzap gidýän Arçabil hem-de Bitarap Türkmenistan şaýollarynyň ugry boýunça agzybirlik bilen herekete başladylar.

"Älem" medeni-dynç alyş merkeziniň ýanynda köpçülikleýin welosipedli ýörişe gatnaşyjylara "Döwletliler köşgünde" terbiýelenilýänler hem goşuldy.

Welosipedçiler toparyBitarap Türkmenistan şaýoly boýunça binagärlik toplumlary hem-de gözelligi bilen haýran galdyrýan paýtagtymyzyň merkezine tarap ýoluny dowam etdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow welosipedde şu günki köpçülikleýin ýörişiň tamamlanýan ýeri bolan Döwlet münberi ýerleşýän ýurdumyzyň Baş meýdançasyna geldi.

Milli Liderimiz köpçülikleýin welosipedli ýörişiň Bütindünýä saglyk güni mynasybetli bolşy ýaly, onuň tutuş ilatmyzy bedenterbiýe-saglyk hereketine işjeň çekmekde ähmiýetlidigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sport çäresine gatnaşýanlar bilen hoşlaşyp, olara üstünlikleri arzuw etdi we bu ýerden ugrady.

***

Şol gün Bütindünýä saglyk gününe bagyşlanan welosipedli ýörişler we dürli sport çäreleri ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda hem geçirildi.

SAGLYGY GORAÝYŞ

Türkmenistan lukmançylyk kömegini döwrebaplaşdyrýar

8-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ilata gaýragoýulmasyz tiz kömek bermäge niýetlenilip, ýurdumyza getirilen lukmançylyk maksatly "ANSAT" kysymly täze dikuçar bilen tanyşdy.

"Türkmenhowaýollary" agentliginiň buýurmasy boýunça Kazan dikuçar zawody (Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasy) tarapyndan öndürilen täze tiz kömek dikuçaryny gözden geçirmek üçin döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzyň günortasynda ýerleşen saglygy goraýyş edaralarynyň dikuçar meýdançasyna geldi.

Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri N.Amannepesow dikuçaryň esasy tehniki häsiýetnamalary barada hasabat berip, onuň şäher şertlerinde gaýragoýulmasyz tiz kömek hyzmatlaryny ýerine ýetirmek, ýöriteleşdirilen hassahanalara gysga wagtyň içinde näsaglary eltmek üçin niýetlenendigini belledi. Bu dikuçar reanimasiýany, ýokary derejeli bejerişi özünde jemlemek bilen şikes alan raýatlara gönüden-göni ýerlerde ilkinji gyssagly lukmançylyk kömegini bermäge mümkinçilik berýän iň döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrylandyr.

Döwlet Baştutanymyz dikuçaryň içindäki ýöriteleşdirilen keseli anyklaýyş enjamyň hem-de näsagyň ýagdaýyna gözegçilik etmäge niýetlenen enjamyň işi bilen tanyşdy. Hususan-da, ýörite görkezijileriň kömegi bilen monitorda elektrokardiogramma, beden agzasynyň kislorod bilen üpjünçiligi, arterial gan basyşy we beýlekiler ýaly görkezijileri synlap bolýar.

Dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň kämil önümi bolan bu enjam dikuçaryň hereket ediş ýagdaýlaryna laýyklykda, ýagny tehnikanyň titremesine, asmana göterilişine we beýleki häsiýetlerine görä taýýarlanandyr. Bu enjam şu kysymly dikuçarlarda birnäçe ýyllardan bäri netijeli ulanylyp gelinýär. Hususan-da, "ANSAT" dikuçarynyň lukmançylyk kysymy sanly defibrilýator bilen üpjün edilendir. Ol ýürek urşunyň ýygylygyny awtomatik usulda seljerýär we zerur bolanda onuň täzeden işlemegini awtomatik usulda amala aşyrýar.

Şeýle hem emeli dem alyş enjamy oturdylandyr. Eger näsaga birden zerurlyk ýüze çykyp, kislorod üpjünçiligini bermeli bolsa, bu enjam ulanylýar. Esasy bellemeli aýratynlyk, onuň ýaňy doglan çagadan

başlap, has uly ýaşly adamlara çenli ulanmaga niýetlenen köpugurly enjam bolup durýandygyndadyr. Raýatyň ýaş görkezijisini girizseň, şonuň esasynda bu enjamyň özi awtomatik usulda zerur kislorody berýär.

Şeýle hem ýörite sorujy esbaplar enjamlaşdyrylandyr. Ol oturdylanda, başga hiç hili işi ýerine ýetirmän, ony göni şu enjama çatyp bolýar. Munuň özi lukmanlaryň işini köp derejede ýeňilleşdirýän we näsaglara degişli kömegi tiz bermäge ýardam berýän iň kämil üpjünçilikdir.

Mundan başga-da, dikuçarda zerurlyk ýüze çykanda näsagy kislorod bilen üpjün etmek üçin wideolaringoskop we intubasion turbajyklar hem bar. Bu gurallaryň kömegi bilen intubasion turbany ýalňyşman we näsaga zeper ýetirmän, onuň dem alyş ýollaryna girizip bolýar. Bu bolsa örän amatly ýagdaýy döredýär. Näsagy dikuçardan düşürip, hassahana alyp gitmeli bolanda hem ony näsagyň ýany bilen alyp gidip ulanyp bolýar.

Dikuçarda şinalaryň hem dürli görnüşleri bar. Olar oňurgalara ýa-da bedene şikes ýeten ýagdaýynda näsagyň bedenininň gozganmazlygy üçin ulanylýan lukmançylyk enjamlarydyr.

Uçuş-tehniki häsiýetleri boýunça ANSAT dikuçary barmasy kyn bolan ýerlerde gyssagly işleri ýerine ýetirip bilýär. Dikuçar zerur erginleri sowatmak we gyzdyrmak üçin ýörite enjamlar bilen üpjün edilendir. Reanimasiýa we gaýragoýulmasyz tiz kömegi bermek üçin derman hem-de sarp ediş serişdeleri üçin ýörite gutujyklar bar.

Dikuçaryň iň ýokary tizligi sagatda 275 kilometre, iň ýokary uçuş uzaklygy 510 kilometre barabardyr. Onuň ýere gonýan böleginiň goşmaça enjam bilen üpjün edilmegi bolsa, dikuçaryň dag eteklerine, gum we çöllük hem-de barmasy kyn ýerlere gonmaga mümkinçilik döredýär. Bularyň ählisi bu dikuçaryň ýurdumyzda häzire çenli bar bolan şunuň ýaly dikuçarlardan tapawutly aýratynlygydyr.

Dikuçaryň lukmançylyk bölüminde dürli görnüşli zemmerler, ykjam elektrokardiograf we monitorly defibrilýator enjamy, ergin guýmak üçin infuziomatlar, emeli dem beriş enjamy, awtomatiki sorujy enjamlar bar.

Şeýle hem dikuçar derman serişdelerini sowadyjy we ýyladyjy bokslar, ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin niýetlenen dürli gutular, glýukometr, pulsoksimetr, termometr, köpugurly şinalar, dürli görnüşdäki gurallar, ýanyk şikesli näsaglar üçin niýetlenen dürli görnüşli enjamlar we beýleki sarp ediji serişdeler bilen üpjün edilendir.

Ýeri gelende aýtsak, milli Liderimiziň tagallalary bilen bina edilen iri saglygy goraýyş edaralarynyň ýanynda ýörite dikuçar meýdançalary hem guruldy. Dikuçarlaryň uçup-gonmagy üçin niýetlenen şunuň ýaly meýdançalaryň myhmanhanalarda hem gurnalmagynyň göz öňünde tutulýandygyny bellemek gerek.

Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri ýurdumyzda näsagda böwrek çalyşmak boýunça ilkinji operasiýanyň üstünlikli geçirilendigi barada hoş habary aýtdy. Böwrek transplantasiýa operasiýasy birnäçe ýyllardan bäri dowamly böwrek ýetmezçilikli näsaga özüniň ýakyn garyndaşynyň böwregi alnyp, ýerine ýetirildi. Bu çylşyrymly operasiýa ýerli hünärmenlerimiz tarapyndan amala aşyryldy. Häzirki döwürde böwregini beren adamyň we böwrek oturdylan näsagyň ýagdaýy kanagatlanarly, olar lukmanlaryň gözegçiliginde saklanýar.

Döwlet Baştutanymyz bu habary kanagatlanma bilen kabul edip, operasiýanyň üstünlikli geçmegi bilen tüýs ýürekden gutlady we munuň milli lukmanlarymyzyň hem-de saglygy goraýyş ulgamynyň gazanan uly üstünligidigini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak bilen birlikde, saglygy goraýyş ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmagyň hem-de döwrebaplaşdyrmagyň bu ulgamy ösdürmek babatdaky strategiýanyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini nygtady.

Şu ýerde "Türkmenhowaýollary" agentliginiň başlygy D.Saburow ýurdumyzyň raýat awiasiýasyny ösdürmek maksady bilen, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň degişli edaralary bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Ýokary derejede gazanylan ylalaşyklaryň esasynda ýerine ýetirilýän işleriň çäklerinde, ýurdumyza toprak-howa şertlerimize laýyk gelýän dikuçarlary getirmegiň möhüm işleriň hatarynda durýandygy bellenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, alnyp barylýan işleri maksada laýyk dowam etmegi tabşyrdy hem-de täze dikuçar iş ýüzünde ulanylyp görlenden soň, şeýle tehnikany ýurdumyzyň beýleki welaýatlary üçin hem satyn almagyň mümkinçiliklerini öwrenmegi "Türkmenhowaýollary" agentliginiň başlygy D.Saburowa hem-de saglygy goraýyş we derman senagaty ministri N.Amannepesowa tabşyrdy.

Milli Liderimiz sözüni dowam edip, "Türkmenhowaýollary" agentliginiň başlygy D.Saburowa, içeri işler ministri M.Çakyýewe, saglygy goraýyş we derman senagaty ministri N.Amannepesowa bu ugurda alnyp barylýan işleri dowam etmegi hem-de eger zerur bolsa, tehnikalary Adatdan daşary ýagdaýlar baradaky döwlet toparynyň alyp barýan işlerinde hem ulanmagy tabşyrdy.

DÖWLET WE HUSUSY BÖLEGIŇ HYZMATDAŞLYGY

Daşyndan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça türkmen önüm öndürijileriniň we telekeçileriniň maslahaty

"Türkmendemirýollary" agentliginiň edara binasynda bilelikdäki maýa goýum forumy geçirildi. Oňa ýurdumyzyň önüm öndürijileri we telekeçileri, ulag we kommunikasiýa toplumynyň edara-kärhanalarynyň hünärmenleri gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen geçirilýän çäräniň maksady ugurdaş ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ulag hyzmatlaryna isleg bildirýänleriň arasynda işjeň gatnaşyklary ýola goýmakdan, döwlet we hususy pudaklary ösdürmekden, ulag we kommunikasiýa ulgamynda işleýän ýurdumyzyň telekeçileriniň maýalaryny çekmek arkaly import önümleriniň ornuny tutýan harytlary, täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmekden ybaratdyr.

Forumyň dowamynda ulag hem-de kommunikasiýa toplumynyň hünärmenleri ätiýaçlyk şaýlarynyň we serişdeleriniň görnüşleri hem-de möçberleri ulag hyzmatlary hakynda maglumatlar bilen tanyşdyrdylar. Habar berlişi ýaly, olary öndürmek üçin ýurdumyzda zerur bolan enjamlar bar. Muňa garamazdan, degişli toplumyň kärhanalarynyň önümçilik hajatlary üçin zerur serişdeleriň hem-de ätiýaçlyk şaýlarynyň uly möçberi daşary ýurtlardan satyn alynýar.

Şunuň bilen baglylykda, teplowozlar, ýük we ýolagçy wagonlary, demir ýollary üçin ätiýaçlyk şaýlaryny özümizde öndürmegiň zerurdygy hakynda tekliplere garaldy. Mundan başga-da, demir ýollaryň ugrunda ýerleşen ýük saklanylýan ammarlary gurmak we döwrebaplaşdyrmak, ýerlerde wagon terezilerini oturtmak, teplowozlaryň elektrik hereketlendirijilerine hyzmat edilmegini üpjün etmek, täze wagonlary ýygnamak, ýük konteýnerlerini we beýlekileri satyn almak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Gazagystan-Türkmenistan-Eýran transmilli polat ýoluny, Akina-Andhoý we Turgundy-Hyrat demir ýoluny, Amyderýanyň üstünden geçýän demir ýol we awtomobil köprülerini, Aşgabat, Türkmenbaşy we beýleki şäherlerdäki döwrebap howa menzillerini nazara almak bilen, import harytlarynyň ornuny tutýan täze önümçilikleri döretmegiň zerurdygy bellenildi.

"Türkmendemirýollary", "Türkmenawtoulaglary", "Türkmenhowaýollary", "Türkmendeňizderýaýollary" agentliklerniň hünärmenleri tarapyndan ýolagçylara döwrebap hyzmatlary etmek, ýolagçy wagonlary döwrebaplaşdyrmak hem-de olarda Interneti ýola goýmak, pudagyň garamagyndaky düzümler üçin ätiýaçlyk şaýlaryny we serişdeleri öndürýän öz önümçiliklerimizi gurmak bilen bagly tanyşdyryş çäreleri geçirildi.

Hususan-da, uçarlaryň we deňiz tehnikalarynyň hem-de enjamlarynyň ulanyş ýagdaýyna, ýolagçylara Internet-hyzmatlarynyň hödürlenilmegine, "Balkan" gämigurluşyk we abatlaýyş zawody" açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işine hem-de ýük konteýnerleriniň önümçiligini ýola goýmagyň mümkinçiliklerine üns berildi.

Ýükleri ugradýanlaryň we kabul edýänleriň arasyndaky hyzmatlaryň sanly ulgama geçirilmegi hakynda maglumat uly gyzyklanma bilen kabul edildi. Hususan-da, elektron hyzmatlaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, Uber Freight programmasyna meňzeş, ýurdumyzda täze goşundyny işläp taýýarlamak hakynda teklibe seredildi. Şeýle hem "Taksi hyzmatlary" taslamalaryny amala aşyrmak maksady bilen, Ahal welaýatynda awtoulag kärhanasyny döretmek teklip edildi.

Önüm öndürmek, şol sanda import önümleriniň ornuny tutýan harytlary öndürmek babatda "Türkmenaragatnaşyk" agentligi öz mümkinçilikleri bilen tanyşdyrdy. Aragatnaşyk ulgamynda peýdalanmak üçin zerur bolan öýjükli sim-kartlary, akkumulýatorlary we kabelleri öndürmegiň mümkinçilikleri hakynda pikir alşyldy.

Maýa goýum forumy ulag we aragatnaşyk ulgamynda ýokary hilli import we eksport ugurly önümçilik babatda kuwwaty artdyrmak üçin tehnologik täzeliklerini teklip etmäge taýýar ýurdumyzyň önüm öndürijileriniň mümkinçiliklerini aýdyň görkezdi.

BIRŽA TÄZELIKLERI

Geçen hepdede Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň söwdalarynda geleşikleriň 37-si hasaba alyndy.

Daşary ýurt walýutasyna Türkiýäniň we Owganystanyň telekeçileri Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda öndürilen nebit koksuny we gidrousulda arassalanan dizel ýangyjyny satyn aldylar. OYR-nyň wekilleri hem "Türkmengaz" döwlet konserninde öndürilen ECO-93 kysymly awtobenzini satyn aldylar. Mundan başga-da, polietilen russiýaly we owganystanly işewürleriň geleşikleriniň esasyny düzdi.

Bulardan başga-da, Birleşen Arap Emirlikleriniň telekeçileri daşary ýurt puluna nah ýüplügi satyn aldylar. Geleşikleriň jemi bahasy ABŞ-nyň 24 million dollaryna golaý boldy.

Manat serişdelerine Pakistanyň işewür toparlarynyň wekilleri jemi bahasy 878 müň manatlykdan gowrak nah ýüplügi satyn aldylar.

Ýurdumyzyň işewürleri içerki bazar üçin bahasy 10 million 574 müň manatlykdan gowrak Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda öndürilen polipropilen haltalary, parafin gaçy, aglomerat we polipropilen plýonkasy üçin çig maly satyn aldylar.

HAYYAT

"Ýanbaş" çeşmesiniň
arassalanan gazsyz agyz suwy

75 49 49
75 43 43

10 10 52 10 10 65 72 18 18 62 62 86
10 10 53 10 10 83 16 18 18 62 89 02
10 10 64 10 10 84 16 18 17 68 75 04

hayyat_water +993 65 72 18 18
19 ltr 'Hayyat' arassalanan agyz suwyny sargyt etmek!

TürkmenÄlem52°E



“Türkmen hemrasy” ÝGPJ, hemra bazarynda hereket edýän, telekom operatorlaryna, teleradio kompaniýalaryna we beýleki aragatnaşyk kompaniýalaryna aşakdaky hemra aragatnaşygynyň hyzmatlaryny hödürleýär:

- **lokal çeşmeleriň toruna girmeklik mümkinçiligi;**
- **internet toruna girmeklik mümkinçiligi;**
- **giň zolakly internet hyzmatlary;**
- **korporatiw tory;**
- **tele we radio ýaýlym hyzmatlaryny hödürlemek;**
- **uzak aralykdan lukmanlaryň maslahatçylyk işleri;**
- **uzak aralykdan okuw.**

TÜRKMEN HEMRASY

Habarlaşmak üçin:

E-mail: info.turkmenhemrasy@online.tm
Tel: +99312 92 18 36
Faks: +99312 92 18 31

www.turkmenhemrasy.gov.tm